# Berim gökden… / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Berim gökden… / satiriki hekaýa BERIM GÖKDEN…

Dogrusy özüm-ä kitaby gowy görýän, şo bolsa maňa başga zat gerek däl. Şondan ötürem awtobusyň üstünde-de, başymy galdyrman okaýan. Ýok, men ony özümden ululara ýer bermezlik üçin şeýdýändir öýtmäň – ýalňyşýarsyňyz. Hawa, iş-dä baýaky, öýde dogrusy kän bir wagtam bolup duranok.
Hiç ýerde diliňizi ýarmasaňyz, men size ýene-de bir zat aýdyp biljek. Has gowy görýän kitaplarymy dükanlardan tapmasam kitaphanalara barýandajyk ýazdyryp alýan. Soňam nädýändir öýdýäňiz?! Ba, okap yzyna elter öýdýäňizmi, «ýitirýän». Wessalam!
«Kitap iň gowy sowgatdyr» diýip kimiň aýdany hiç hakydamda däl, kes kelläm ýadyma düşenok, öz-ä bir murtly adam bolmaly. Ine, şol sözlere eýerip, onsoňam özüm ölemen kitaphon bolamsoň başlygymyzyň doglan gününe kitap sowgat etmeli diýen netijä geldik. Ýerli komitet bu ýumuşy maňa tabşyrdy. Kitap magazinininiň arka ýüzünden baryp delje kitaplardan aldym ep-eslini. Kabinetimde Nuh eýýamyndan galan bir boş karobka ýatyrdy, ýapon magnitofonynyňky. Ýaňky kitaplary alaga-da, saldym şoň içine. Bul-a tüýs şap bolaýdy, daňdym daşynam ykjamlap. Hondan bärsi boluşyp üýşüp bardyk başlygyň ýanyna. Ol meniň elimdäki karobkany görüp nirede oturtjagyny bilmedi, dylym-dylym edip. Baý, başlygymyzbir begenmek begend-aý, hiý aýdyp-diýer ýaly däl. Elimdäkini goýdum gütüledip stoluň üstünde.
– Ýuwaş, birden döwäýme – diýip, başlygymyzyň ýüregi ýaryldy.
Her kin sözlerdeb gowusyny saýlap gutlady başlygy. Sowgadymyzam gowşurdyk.
– Başlyk jan, şuň içindäki zat hiç wagt ýüregiňi gysdyrmaz, özüňe höwüd tapynan ýaly bolarsyň – diýip, men

köpbilmişsiredim.
Hoşlaşyp çykyp gaýtdyk. Çilim-pilim çekip gelenimem şoldy welin, başlygyň kabulhanasyndaky gyz atylyp kabinetime girdi.
– Sizi başlyk çagyrýar, gyssagly.
Be, bi maňa minnetdarlyk bildirjekdir-ow. Dagy näme, olar ýaly kitap her kime ýetdirip duranok. Bardym, içimi gepledip.
– Başlyk, ýene bir gezek salawmaleýkim. Doglan günüňem gutly bolsun, başlyk jan. Tüweleme, sähetlije gün dünýä inen ekeniň, sowgat diýip ugruna çykanymdan işim şowluja bolaýdy. Tanyşlyk bilen aldym, ýogsam dagy… – diýip, elimi owkalaşdyrdym.
Göwnüme bolmasa başlygyň bir hili gitdigiçe myreygy atlanýan ýalydy. Ol ýüzüni kürşerdip:
– Hany, muň içi? – diýip, azgyryldy.
– Bardyr. Bolmaly. Dogruja on sany kitapdyr…
Meniň sesim ysgynsyz çykdy, ogurlygyň üstünde tutulan ýaly boldum. Başlyk sag eliniň süýem barmagyny ho-ol beýle-de duran korobka tarap uzatdy-da:
– Bar, äkit-de hennege dök. Tapdyň bu ýerde oýnajak adamyňy. Özüňem häziriň özünde arzaňy ýaz-da göteril şu ýerden, öwrülip gözüm görmesin. Senden dynmasam boljak däl – diýip, ol näme üçindir soňky sözleri burnuna salybrak aýtdy.
Men daş çykdym-da, şatyr-şutur arzamy ýazdym. Elbetde, zähmet rugsadyny beriň diýip. Näme, samsykdyr öýdýäňizmi, işden çykaryň diýip ýazar ýaly. Başlyk elterime mähetdel, okaman onuň çüňküne «kanagatlandyrmaly» diýip gol çekdi. Ökjäm ýeňlän ýaly boldy, çykyp gaýtdym. Neneň begenmejek, öň ýalbaryp alyp bilmedik otpuskamy aldym.
Baý-baý, şu başlyklarda-da oýun kän-ow. «Berim gökden ýol ýasar» diýenleri çyn eken. Kitabyň nähili gudratynyň bardygyny indi özüňizem gördüňiz dälmi?! Bolany şo.

Täçmämmet JÜRDEKOW. Satiriki hekaýalar